# Güneşli myhman (hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 1 апреля, 2025



***Ruslan Piwowarow, belarusly ýazyjy.***

Maýyl, güneşli, ýekşenbe güni başlandy. Kuýaş entek gözýetimden o diýen bir ýokary göterilmändi, ýöne nurana şöhleleri eýýäm töwerekdäkilere özüniň mährini çaýýardy. Derýanyň üstünde sähelçe ümürseýän säher dumany ýüzüp ýördi, säheriň çyg damjalary bolsa buldurap gök otlara bezeg berýärdi. Owadan säher çagy özüniň gözelligi bilen irden örenleriň ählisiniň gözlerini dokundyrýardy.

Şäherýakada, ajaýyp künjekde ýerleşen jaýda hiç hili aljyraňňylyk duýulmaýardy, töweregi gurşap alan ähli zatda

lezzet beriji asudalyk bardy. Gök gözli zenan balyk tutmaga şaýlanan adamsyny ýola saldy:

– Tizräk gel, ýöne boş dolanmajak bolaweri! – diýip, gözlerini güldürip, sözüniň üstüni ýetirdi. – Dynç almagam gerekdir, ýöne ýap-ýaňy tutulan balygyň tagamam agzyňa hoş ýakjak.

Daşyndan göräýmäge hyrsyz, ýöne juda ak ýürekli kişi bolan adamsy, balyk tutmagyň lezzetine ýetmäge gyssanýan hem bolsa, sowukganlylyk bilen jogap gaýtardy:

– Bolýar, eglenmerin. Ulurak saç taýýarlaber.

Onsoň artykmaç gürrüňlere-de kän güýmenmän, golaýda ýerleşýän akar suwly howdana tarap höwesek halda gadam urdy.

Zenan umytly dem aldy. Eýwandaky stoluň üstünde duran miweli gaba elini uzadyp, ir-iýmişlerden aldy. Ýaş-ýeleňlere mahsus bolan joşgun bilen, howlynyň orta gürpüne çenli ylgap bardy, gollaryny göge göterdi-de, uly sesi bilen gygyrdy:

– Ertiriň haýyrly bolsun, eý, Zemin! Ertiriň haýyrly bolsun, eý, Güneş!

Eli çeňňekli eýýäm howdana ýetip barýan erkek kişi aýalynyň sesini eşidip, içini hümletdi-de, ýylgyryp:

– Üýtgejek däl-le bu… Ýaşlygyndaky ýaly gyzjagaz-da henizem – diýdi.

Gün bolsa barha ýokary galýardy. Täze gün ähli öwüşginleri bilen gyzyşypdy. Şäher ýakasyndaky öýüň gök gözli bikesi sadaja heňe hiňlenip, kofe taýýarlady. Ondan käte bir owurtlap, balyk tutup, bagtyýar halda bolsa-da, aç dolanjak adamsy üçin nahar taýýarlamaga girişdi. Ol keýpiçagdy. Işler ugrunady.

Naharyny bişirip bolan zenan şol aýdymjygyna hiňlenip, eýwandan kiçeňräk sebedi aldy-da, öýden çykdy. Kryžownik agaçlary bişen miwelerini güjeňläp otyrdylar. Öz mellek

ýeriňden witamin goruňy doldurman, şähere dolanmak kemter gaýtmak boljakdy. Öý bikesi çalasyn hem şadyýanlyk bilen bişen miwelerden sebedine atyp başlady, wagtal-wagtal hem barha ýitelýän Güne gözlerini süzüp garaýardy. Onuň Güni gowy görýändigi we Ýarilo gün hudaýyna uýan gadymy slawýanlar ýaly oňa ymtylýanlygy duýlup durdy. Gün hem ony eý görýän bolmaly, şöhleleri bilen onuň üçin oňaýsyzlyk döretmeýärdi, biynjalyk etmeýärdi. Zenan edil asmandan inýän altynsow güneş suwuna düşünýän ýaly, meýmiräp, şöhlelerden lezzet alýardy.

Güneş bagtynyň akymyny elden gidermezlik üçin, ol öýe giren wagty hem kän eglenmejek bolýardy. Onsoň ýaňadan howla ylgap çykan erjel hem şadyýan zenan, Günüň jana-jan muşdagy töwerekdäki parç bolan otlardyr güllerden täç örünmäge başlady. Öz işi bilen gümra bolansoň ol, hatda göze görünýän şekile giren altynsow Gün şöhlesiniň gelip, egninde ornaşanyny hem duýmady. Ol zenanyň gerdeninde jaýlaşykly ornaşyp, batly sesi bilen dillendi:

— Güneşli günüňiz haýyrly bolsun!

Gulagynyň düýbünden çykan sesi eşidip, gök gözli zenan başyny oňa tarap öwrüp, heýjan bilen seslendi:

— Hä! Ýeri, nurana kişi, sen kim bolarsyň? — diýip, doly örüp gutarmadyk täjini elinden gaçyryp çapak çaldy.

— Ýarilonyň ogullaryndan biri men. Göni manyda-da, aýlawly manyda-da onuň perzendi.

Egnindäki güneş bölegini synlan zenan geň galmak hem ýylgyrmak bilen myhmana ýüzlendi:

— Sen nireden çykdyň, niçik kysmat seni meniň gaşyma getirdi?

— Gorkmaň! Umuman-a, siz gorkýana däl-de, juda geň galýana meňzeş, bu hemme kişi babatda beýle bolubam duranok. Aslynda-ha, biz hemme kişiniň ýanyna barybam ýöremzok — diýip, altynsow şöhle jogap gaýtardy.

– Özüňiz ýaly nesiller köpmi onsoň?

– Hawa, az däl – diýip, şöhle ýylgyrdy.

Jogap hökmünde onuň gürrüňdeşi uly şowhun bilen güldi.

– Pederiňizem kiçi-girim däl-dä, elbetde, köp bolarsyňyz-da!

Şol wagt balyk tutmagyň keýpine berlen adamsy kimdir biri bilen gürleşýän keýwanysynyň sesini eşitdi.

– Ezizim, maňa bir zat diýýäňmi? – diýip, ol sesinde baryny edip aýalyna ýüzlendi. Öý tarapdan şadyýan zenanyň sesi ýaňlandy:

– Ýok, gadyrdan, men Güneş bilen gürleşýän. Alada etme!

Balykçy eginlerini gysdy-da, parahat halda hümürdedi:

– Diýmek, sen, dogrudanam, Güneş bilen gümrasyň, ýogsam ýanymda bolardyň – diýip, hiç hili biynjalyk bolman, işine berildi.

…Howludaky söhbet bolsa dowam etdi.

– Elbetde, özümem ertekileri ýazýan, ýöne welin, ine, şunuň ýaly şäherýaka howluda, adaty durmuşda… Ajaýyp! – diýip, zenan joşgunly seslendi. – Bilip goýuň, hormatly myhman, men ýazyjydyryn!

– Men siziň kimdigiňizi bilýän. Biziň hemmämizem bilýäris. Şonuň üçinem ýanyňyza geldim. Biz özlerine peşgeş berlen güneşi hem ömri söýýänleri gowy görýäris. Bagyşlaň, men size päsgel beräýýän-ä däldirin?

– Maňamy? Bu nähili sowal boldy? Hatda hiç hili agramyňy hem duýmaýan halyma, sen maňa, heý, päsgel berersiňmi! Bagyşla, men şu jygamy örüp gutaraýyn… Iş tamamlanman galsa halamok.

Jygany hem entek oňa goşulyp örülmedik gülleri ýerden galdyrdy-da, öz işiniň ussady bolan zenan çalasyn hereketler

bilen başlan işini tamamlady. Soňra janly maňlaýlyk ýaly edip, ony buýra saçlarynyň üstünden geýdirdi.

– Gelişdi – diýip, şöhle onuň tarypyny ýetirdi. – Siz şu pursat Güni garşy alýan Lada meňzediňiz.

– Köp sag bol, dostum!

Egin üstünde oturan şöhle söhbetdeşine raýdaşlygyň hem ylalaşyjylygyň alamaty hökmünde çala baş atdy.

– Oturyşyň jaýlaşyklymy? Typaýmarsyň-da hernä? – diýip, zenan ýakymly ýylgyryş bilen myhmandan sorady.

Şöhle-de myssa ýylgyryp, jogap gaýtardy:

– Men diňe gije düşensoň typaryn. Onsoň pederimiň yzyna düşüp gitmek bilen bolaryn. Ýarilo asmandaka, eger garşy bolmasaňyz, men siziň myhmanyňyz.

– Elbetde, garşy däl! – zenan uly joşgun bilen seslendi. – Beýle myhmanlar günde-günaşa gelip duranok ahbetin.

– Biz adamlaryňkyda hemişe myhman bolýarys. Gün her gün dogýar, ýöne siz babatda bolşy ýaly, hemme kişiniňkä beýle göz-görtele barmaýarys. Munuň üçin adamyň kalby güneşli bolmaly.

– Bu Güneşiň juda mylakatlylygyndan nyşan! Şunuň ýaly üns berýänligi üçin juda minnetdardygymy oňa ýetir.

– Ýetirerin. Umuman-a, pederimiň özem muny eşidýändirem, bilýändirem.

Gök gözli zenan başyny asmana galdyryp, Güne tarap seretdi, ýylgyryp, oňa näzijek ellerini galgatdy. Şol pursat Günüň nury ýitelen ýaly boldy. Surata düşürilendäki ýaly adaja ýylpyldy döredi. Belki, bu onuň göwnüne şeýle bolup görnendir, belki-de, Gün öz ýüzündäki ataşlar arkaly Zemine has ýagty nuruny ýollandyr ýa-da jogap hökmünde o-da goluny galgadandyr… Kim

bilýär?!

– Onda näme, gadyrly dostum, Gün asmanyň süýr depesine golaýlaýar – söhbet üçin wagtymyz ýeterlik. Size öýe girmäge mürähet etmegiň bolýanyny-bolmaýanyny hem bilemok, sebäbi Gün şöhlesi içerik göni düşüp bilenok.

– Elbetde, bolar, tebigatyň kanunlaryny entek hiç kim ýatyran däldir ahyryn… Ýagtylyk bar çagynda Gün şöhlesiniň döwülmeside üýtgewsizdir – diýip, şöhle ýylgyryp garşy çykdy. – Siziň myhmanparazlygyňyzdan peýdalanmaga taýýar.

Şöhläniň Lada meňzeden zenany eýwandan geçip, otaga girip barýarka, birden aýak çekip, aljyraňňy halda sowal berdi:

– Size näme hödür-kerem edip bilerin?

– Minnetdar! Siziň mähir-mylakatlylygyňyz maňa tüýs gerek zat. Ondan ýylylyk hem ýagtylyk ýaýylýar. Maňa başga zadyň zerurlygam ýok. Biz wagtymyzy biderek ýitirýäris. Gün ýaşýança men size köp zat gürrüň bermeli, meniň gören zatlarym az-küş däl. Şonuň üçinem işe girişiň. Eliňiz ýadaýança ýazyň. Ýetişmedik zatlaryňyzyň bolsa pikirlenip, üstüni ýetiriberersiňiz. Men siziň muňa hötde geljekdigiňizi bilýärin.

Suwly howdandan gaýdanda agşamlyk keýwanysynyň taýýarlan balygyndan garbanyp, lezzet aljagyny hyýalynda aýlap, gök gözli zenanyň ýanýoldaşy awunyň şowly bolanyna çyny bilen begenýärdi. Öýüň töwereginde aýaly gözüne ilmänsoň, sesini hem eşitmänsoň, onda biynjalyklygyň ilkinji alamatlary galpyldap gitdi. Öýe girip, aşhana nazar aýlanda, ondaky garjaşyk şübheler ynama öwrüldi. Irdenki taýýarlanan nahar stolda durdy, ýöne balyk gowrulýan saç hem, aýaly-da görnenokdy.

– Ýene-de galama ýapyşan bolsa gerek.

Otagynyň bosagasyna baryp, usullyk bilen işigi açyp, içeri garady. Aýaly iş stolunyň başynda oturyşyna howlukmaç halda

nämedir bir zatlar ýazýardy. Özi-de kimdir biriniň aýdyp ýazdyrýan sözlerini gaýtalaýan ýaly, öz-özi bilen gürleşýärdi. Ýazylyp doldurylan sahypalaryň ençemesi ýanynda ýatyrdy. Häzir ony öz pikirlerinden başga hiç zadyň gyzyklandyrmaýandygy görnüp durdy.

Ol uludan demini alyp, gapyny ýapdy-da:

– Bu zatlary nädip başarýar, düşünemok! Ýene-de balygy özüm arassalamaly boljak-da – diýdi. Aşhana tarap barýarka, yzyna garanyp, sözüniň üstüni ýetirdi:

– Alada etme, ezizim, agşamlyk naharyny özüm bişirerin.

***Rusçadan terjime eden Orazmyrat MYRADOW.***
***Suraty çeken Hojamuhammet GULOW.***